# Gündelik ýöretmek hakynda

Category: Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Gündelik ýöretmek hakynda

GÜNDELIK ÝÖRETMEK HAKYNDA

– "Gündelik ýöredýän adamlar bir ömri iki sapar ýaşaýarlar" Jessamin West.

– Gündeligimi elime alyp, ýazgylarymy müýnli ýaly bolup okaýan. Onuñ köp halatda dil biliminiñ düzgünleriniñ çäginden çykýan gödeksi we erkin ýazuw täridir çeper söz gytlygy meni az-kem utandyrýar. Muña garamazdan, ony her okanymda, elimiñ öñküden has oñatlašýandygyny saýgarýan. Ony del gözlerden ýašyryn saklaýan; menden bašga kišiniñ görmegini islämok. Onuñ telli-pelli ýöne dogumlu ýazylandygyny, kä ýerde tüýs nyšana urýandygyny aýdyp, taryplasamam bolman duranok. Gönimden gelsem, diñe özüme niýetlenilip ýazylan bu pynhan ýazgylar meniñ üçin gowy tejribe bolup durýar.
Wirjiniýa WULF, iñlis ýazyjysy.

– Men otuz üç ýyldan gowrak wagt bäri gündelik ýöredýän. Säher bilen gözümi açdygym, ony elime alyp, ýazmaga durýan. Ýazgylarymyñ aglabasy zeýrenmekden bašga zat däl. Ýöne kämahallar has soñraklar išlerimde peýdalanyp bolaýjak degišmä, suratlandyrma ýa-da aýtga gabat geläýýän.
Dewid SEDARIS, amerikan ýazyjysy.

– Gündelik edinmegiñ iñ oñat taraplarynyñ biri, özüñde dynuwsyz bolup geçýän üýtgešmelerden habarly bolmagyñdyr.
Frans KAFKA, nemes ýazyjysy.

– Gündelik hakynda kelam agyz aýtmaly bolsa, onda ony šahsy we gizlin pikirleriñ saklawhanasyna, šol bir wagtda-da kör we ker hem-de nadan syrdaša meñzedilse jüpüne düšse gerek. Men özümi gündelikde ýañadandan ýaradyp bilýän.

Sýuzan ZONTAG, amerikan ýazyjysy.

– Kellämde täze pikir köredimi, salym bermän hekaýa ýazýan, ýa täze eseriň başyna geçýän, ýa-da goşgy goşýan. Şol sebäplem maňa gündeligiň geregi ýok.
Reý BREDBERI, amerikan ýazyjysy.

Sözler